TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ
DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER
HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ
AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

## DALAŞGÄRLERIŇ YNANYLAN ADAMLARY ÜÇIN

# ÝATLAMA

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ
DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER
HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ
AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# DALAŞGÄRLER ÜÇIN

# G O L L A N M A

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2023



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda, Türkmenistan bu gün demokratik ýörelgeleri çuňlaşdyrmak ýoly bilen ynamly gadam urýar. Ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmaga gönükdirilen işleriň depgini günsaýyn artýar. Ýurdumyzda beýleki ähli ulgamlar bilen birlikde, saýlaw ulgamyna hem içgin üns berilýär. Saýlawlary halkara ölçeglerine laýyk geçirmekde we saýlaw ulgamyny has-da kämilleşdirmekde düýpli işler alnyp barylýar.

Türkmen jemgyýetiniň kämilliginiň, raýatlaryň syýasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilýändiginiň subutnamasy bolup durýan saýlawlar ýurdumyzda demokratiýanyň giňden dabaralanýandygyny hem aýdyň görkezýär. Saýlawlar milli kanunlara we halkara kadalaryna laýyklykda, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň kepilllikleriniň goraglylygy esasynda geçirilip, saýlawlary geçirmegiň ählumumy ykrar edilen demokratik ýörelgelerini özünde jemleýär. Munuň özi bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäräniň esasy ähmiýetli tarapydyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, raýatlaryň öz erkini, olaryň saýlaw hukuklarynyň goragyny, şol sanda kazyýet goragyny üpjün etmek, raýatlaryň saýlawlara işjeň gatnaşmagy üçin şertleri döretmek saýlaw toparlarynyň öňünde durýan esasy wezipedir.

Saýlawlar ýurdumyzyň ilatyna degişli bolan syýasy hukuklaryň erkin ýüze çykmasydyr, saýlawçylaryň erk-islegleriniň erkin we gizlin beýan edilmegidir, has takygy, saýlamak we saýlanmak hukugy raýatlaryň iň esasy syýasy hukuklarynyň biridir.

Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny demokratik ýörelgeler esasynda we guramaçylykly geçirmek maksady bilen, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar tarapyndan şu gollanma işlenilip taýýarlanyldy.

Gollanmanyň mazmuny Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalygyna dalaşgärleriň saýlaw möwsümine gatnaşmak bilen bagly hukuklaryny we alyp barmaly işlerini, saýlaw resminamalaryny ulanmagyň bellenilen tertibini beýan etmekden ybaratdyr. Dalaşgärlere bu gollanmany usulyýet çeşmesi hökmünde peýdalanmagy maslahat berýäris.

## 1. Umumy düzgünler

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy hem-de bäsleşik esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň on sekiz ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykatyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlamaga, saýlanmaga bolan hukuklaryny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär. Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Ähli saýlawçylar saýlawlara deň esaslarda gatnaşmaga hukuklydyr, her saýlawçynyň bir sesi bardyr. Saýlawlar Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilýär.

## 2. Saýlawlary geçirmegi üpjün edýän saýlaw toparlary

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek boýunça şu aşakdaky saýlaw toparlary hereket edýär:

– Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar;

– welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň saýlaw toparlary;

– etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň saýlaw toparlary;

– okrug saýlaw toparlary;

– etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň saýlaw toparlary;

– uçastok saýlaw toparlary.

Saýlaw toparlary öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda guraýarlar.

Saýlawlara taýýarlyk görmekde we olary geçirmekde saýlaw toparlary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan garaşsyzdyrlar. Saýlaw toparlary saýlawlara taýýarlyk görmek we olary geçirmek işlerini açyk we aýan amala aşyrýarlar.

## 3. Dalaşgärleriň hukuklary

1. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalygyna dalaşgärleriň bellige alnan pursadyndan beýläk saýlawlaryň öň ýanynda geçirilýän mejlislerde, ýygnaklarda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmäge deň hukuklary bardyr.

2. Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, edaralaryň, guramalaryň we kärhanalaryň wezipeli adamlary saýlawlar bilen baglanyşykly zerur maglumatlary almakda dalaşgärlere ýardam bermäge borçludyrlar.

3. Degişli saýlaw toparynyň karary esasynda dalaşgärler saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsüme gatnaşmak üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ortaça iş hakyny saklamak

bilen önümçilik ýa-da gulluk wezipelerini ýerine ýetirmekden boşadylyp bilner.

4. Dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak üçin öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär.

5. Dalaşgärleriň öz saýlaw okrugynyň çägindäki saýlaw uçastoklarynyň her birine bir milli synçyny bellemäge hukugy bardyr.

## 4. Dalaşgäriň öz-özüni dalaşgärlikden aýyrmagy

1. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalygyna dalaşgär öz-özüni saýlawlara çenli dalaşgärlikden islendik wagt aýyrmaga hukuklydyr, munuň üçin ol bu barada ýazmaça arza bilen özüni bellige alan saýlaw toparyna ýüz tutýar.

2. Degişli saýlaw topary dalaşgäriň öz-özüni dalaşgärlikden aýrandygyny saýlawçylaryň dykgatyna ýetirýär.

## 5. Dalaşgärleriň ynanylan adamlary

1. Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 52-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, welaýat, etrap, şäher halk maslahatyna agzalyga her bir dalaşgäriň bäşe çenli, Geňeş agzalygyna her bir dalaşgäriň bolsa üçe çenli ynanylan adamy bolup biler. Olar saýlaw möwsümini geçirmekde dalaşgäre kömek berýärler, onuň saýlanmagy ugrunda wagyz işini alyp barýarlar, döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri, saýlawçylar bilen özara gatnaşyklarynda, şeýle hem degişli saýlaw toparlarynda onuň bähbidini araýarlar.

Dalaşgär bellige alnandan soň, ol öz islegine görä ynanylan adamlaryny kesgitleýär we olary bellige almak üçin degişli saýlaw toparyna habar ***(1-nji nusga, 13-nji sahypada)*** berýär.

2. Dalaşgär tarapyndan berlen habarda dalaşgärleriň ynanylan adamlary baradaky maglumatlar pasportyndaky ýaly anyk görkezilýär hem-de oňa her bir ynanylan adamynyň geçen iki aýdan uzak bolmadyk möhletde düşülen 3x4 sm ölçegdäki 2 sany reňkli fotosuraty goşulýar.

3. Dalaşgär saýlawlara çenli islendik wagt ynanylan adamlaryny çalyşmaga hukuklydyr. Ynanylan adam hem islendik wagt öz ygtyýarlyklaryny tabşyryp biler.

4. Saýlaw toparynyň agzasy ynanylan adam bolup bilmez.

*1-nji nusga*

______________________________
(degişli saýlaw toparynyň ady)
saýlaw toparynyň başlygyna
____________________________________________ saýlawlary
(saýlawlaryň geçirilýän senesi we ady)
boýunça ____________________________________________
(dolandyryş-çäk birliginiň ady)
______-nji(y) saýlaw okrugy boýunça dalaşgär __________
____________________________________________________
(dalaşgäriň ady, familiýasy)
tarapyndan

## HABAR

Men öz bellän ynanylan adamlarym barada habar berýärin we olary aşakdaky sanawa laýyklykda bellige almagyňyzy Sizden haýyş edýärin.

| T/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan ýyly | Işleýän ýeri we eýeleýän wezipesi |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |

____-nji(y) saýlaw okrugy boýunça dalaşgär

______________________ ______________________________
(goly) (ady, familiýasy)

Dalaşgäriň iberen habary esasynda, degişli saýlaw topary dalaşgäriň ynanylan adamlaryny bellige alýar we olara şahsyýetnama ***(2-nji nusga, 14-nji sahypada)*** berýär.

Ynanylan adamlaryň ygtyýarlyklary saýlawlaryň jemi jemlenilenden soň tamamlanýar we şahsyýetnama güýjüni ýitirýär.

***2-nji nusga***


____________________
(geçirilýän saýlawlaryň senesi)

____________________
____________________
(geçirilýän saýlawlaryň ady)

**ŞAHSYÝETNAMA № __**

____________________
(dolandyryş-çäk birliginiň ady)

**___nji(y) saýlaw okrugy boýunça dalaşgär**

____________________
(dalaşgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady)

**YNANYLAN ADAMY**

____________________
____________________

____________________
***saýlaw toparynyň başlygy*** ____________________

M.Ý.

***Şahsyýetnama saýlawlaryň netijeleri resmi taýdan çap edilen gününden güýjüni ýitirýär.***

**Berlen senesi: __.__.20__ ý.**

## 6. Milli synçylary bellemek

1. Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 6-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalygyna dalaşgärler öz saýlaw okrugynyň çägindäki saýlaw uçastoklarynyň her birine bir milli synçyny belläp bilerler.

2. Dalaşgärler döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryndan, kazylardan, prokurorlardan, saýlaw toparlarynyň we raýatlar toparlarynyň agzalaryndan, dalaşgärlerden, dalaşgäriň ynanylan adamlaryndan başga saýlaw hukugy bar bolan Türkmenistanyň raýatlaryny milli synçy edip belläp bilerler.

3. Dalaşgärler öz bellän milli synçylary barada degişli welaýat, Aşgabat şäher saýlaw toparyna habar ***(3-nji nusga, 16-njy sahypada)*** berýärler. Habarda dalaşgäriň bellän milli synçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi görkezilýär. Şeýle-de, habaryň ýanyna milli synçynyň geçen iki aýdan uzak bolmadyk möhletde düşülen 3x4 sm ölçegdäki 2 sany reňkli fotosuraty goşulýar.

4. Dalaşgäriň iberen habary esasynda, degişli welaýat, Aşgabat şäher saýlaw topary milli synçylary bellige alýar we olara şahsyýetnama ***(4-nji nusga, 17-nji sahypada)*** berýär. Milli synçylaryň ygtyýarlyklary saýlawlaryň jemi jemlenilenden soň tamamlanýar we şahsyýetnama güýjüni ýitirýär.

*3-nji nusga*

______________________________
(welaýat (Aşgabat şäher) saýlaw toparynyň ady)
saýlaw toparynyň başlygyna
__________________________________ saýlawlary
(saýlawlaryň geçirilýän senesi we ady)
boýunça ____________________________________
(dolandyryş-çäk birliginiň ady)
______-nji(y) saýlaw okrugy boýunça dalaşgär
__________________________________________
(dalaşgäriň ady, familiýasy)
tarapyndan

## HABAR

Men öz bellän milli synçylarym barada aşakdaky sanawa laýyklykda habar berýärin we olary bellige almagyňyzy Sizden haýyş edýärin.

| T/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan ýyly | Işleýän ýeri we eýeleýän wezipesi |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |

_________-nji(y) saýlaw okrugy boýunça dalaşgär

_________________ (goly)     _________________ (ady, familiýasy)

*4-nji nusga*


_______________ (geçirilýän saýlawlaryň senesi)

_______________ (geçirilýän saýlawlaryň ady)

ŞAHSYÝETNAMA № ___

__________ welaýaty boýunça

MILLI SYNÇY

Surat ýeri
(3x4sm)

______________________

______________________

________ welaýat saýlaw
toparynyň başlygy ______________
M.Ý.

Şahsyýetnama saýlawlaryň netijeleri resmi taýdan
çap edilen gününden güýjüni ýitirýär.

Berlen senesi: __.__.20__ ý.

## 7. Wagyz işleriniň geçirilmegi

1. Saýlawlar geçirilende syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine, Türkmenistanyň raýatlaryna, dalaşgärlere, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wagyz işlerini erkin geçirmek üpjün edilýär.

2. Syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, Türkmenistanyň raýatlarynyň, dalaşgärleriň, dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň kanun tarapyndan gadagan edilmedik görnüşlerde we usullarda saýlawçylary saýlawlara işjeň gatnaşmaga ündeýän wagyz işlerini geçirmäge, dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky maksatnamalaryny, olaryň syýasy, iş başarjaňlyk, şahsy sypatlaryny öz mejlislerinde, ýygnaklarynda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde erkin we hemme taraplaýyn ara alyp maslahatlaşmaga hukuklary bardyr.

3. Saýlaw möwsümi döwründe amala aşyrylýan şu işler wagyz işleri hökmünde ykrar edilýär:

1) ol ýa-da beýleki dalaşgäre ses bermäge çagyryşlar;

2) dalaşgäri saýlamagyň mümkin bolan netijelerini beýan etmek;

3) dalaşgärleriň haýsydyr biri barada hakyky maglumatly habarlary ýaýratmak.

4. Dalaşgärleriň deň derejede köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden peýdalanyp bilmegi kepillendirilýär.

5. Saýlawlar geçirilende wagyz işleri şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

1) köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly;

2) köpçülikleýin çäreleri (saýlawçylar bilen ýygnaklary we duşuşyklary, açyk çekişmeleri we ara alyp maslahatlaşmalary) geçirmek bilen;

3) wagyz maglumatlaryny çykarmak we ýaýratmak bilen;

4) kanun tarapyndan gadagan edilmedik beýleki görnüşlerde.

6. Saýlawlar geçirilende wagyz işlerine gatnaşmaga, şol sanda islendik wagyz maglumatlaryny çykarmaga saýlaw toparlarynyň agzalarynyň, synçylaryň, kazylaryň, haýyr-sahawat guramalarynyň, dini guramalaryň agzalarynyň we wekilleriniň, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň hukugy ýokdur, bu görkezilen şahslaryň dalaşgärler, şeýle hem dalaşgärleriň ynanylan adamlary hökmünde bellige alnan halatlary muňa girmeýär.

Şeýle-de, wagyz işlerine on sekiz ýaşyna ýetmedik raýatlaryň, daşary ýurt raýatlarynyň, daşary ýurt döwletleriniň we guramalarynyň, halkara guramalarynyň we halkara jemgyýetçilik hereketleriniň gatnaşmaklaryna ýol berilmeýär.

7. Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň gullugynda durýan şahslaryň özleriniň wezipe ýa-da gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän halatlarynda wagyz işlerini geçirmäge, şeýle hem döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň serişdelerini wagyz işlerini geçirmek üçin peýdalanmaga hukugy ýokdur.

## 8. Wagyz işlerini geçirmegiň möhletleri

1. Wagyz işleri dalaşgäriň bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlaryň geçiriljek gününden bir gün öň bes edilýär.

2. Gaýtadan ses bermek geçirilende wagyz işleri gaýtadan ses bermegiň bellenilmegi baradaky karar kabul edilen pursadyndan täzeden başlanýar we gaýtadan ses bermegiň geçiriljek gününden bir gün öň bes edilýär.

3. Saýlaw toparlarynyň jaýlaryndan daşarda ýerleşdirilen wagyz metbugat maglumatlary (listowkalar, ündewsuratlar we beýlekiler) ses berilýän güni öňki ýerlerinde saklanylyp galdyrylýar.

## 9. Wagyz işlerini geçirmek hukugyndan hyýanatçylykly peýdalanylmagyna ýol berilmezligi

1. Saýlaw toparlary wagyz işlerini geçirmegiň bellenilen tertibiniň berjaý edilişine gözegçilik edýärler.

2. Wagyz işleri geçirilende aşakdakylara ýol berilmeýär:

1) durmuşy, dini, jynsy, milli ýigrenji we duşmançylygy wagyz etmäge;

2) häkimiýeti eýelemäge, konstitusion gurluşy zorluk bilen üýtgetmäge we döwletiň bitewüligini bozmaga çagyryşlara;

3) wagyz işlerini geçirmek hukugyndan beýleki görnüşlerde hyýanatçylykly peýdalanmaga.

3. Dalaşgärlere, olaryň ýakyn garyndaşlaryna, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryna saýlawlaryň bellenilen pursadyndan saýlawçylara pul serişdelerini tölemek, sowgatlary we beýleki maddy gymmatlyklary bermek, harytlary ýeňillikli bahalardan satmak, wagyz häsiýetli çap maglumatlaryndan başga islen-

dik harytlary tölegsiz ýaýratmak, şeýle hem muzdsuz ýa-da ýeňillikli şertlerde haýsydyr bir hyzmatlary etmek gadagandyr.

4. Dalaşgärleriň, olaryň ýakyn garyndaşlarynyň, dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň saýlawlaryň bellenilen pursadyndan saýlawlaryň netijeleriniň çap edilen pursadyna çenli haýyr-sahawat işi bilen meşgullanmaga hukuklary ýokdur.

5. Dalaşgärleriň at-abraýyna, mertebesine ýa-da iş başarjaňlyk ukybyna görnetin ýalan maglumatlara esaslanýan we şek ýetirýän habarlaryň ýaýradylmagyna ýol berilmeýär.

6. Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň düzgünleriniň bozulan halatlarynda, dalaşgärleriň, şeýle hem olaryň ynanylan adamlarynyň kazyýete şikaýat etmäge hukuklary bardyr.

7. Dalaşgär Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen talaplary bozan halatynda, dalaşgäri bellige alan saýlaw toparynyň oňa duýduryş bermäge, dalaşgär tarapyndan ýokarda görkezilen talaplaryň birnäçe gezek gaýtadan bozulan halatynda bolsa, dalaşgäriň bellige alynmagyny ýatyrmaga hukugy bardyr.

## 10. Saýlanylan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlaryny, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalaryny bellige almak

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 76-njy maddasyna laýyklykda, saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Degişli saýlaw topary saýlanylan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlaryny, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalaryny bellige alýar we olara şahsyýetnama ***(5-nji nusga, 21-nji sahypada)*** berýär. Şahsyýetnama saýlaw toparynyň başlygy gol çekýär we toparyň möhüri basylýar.

Saýlanylan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

***5-nji nusga***

*Türkmenistanyň Mejlisiniň saýlanylan deputatlarynyň şahsyýetnamasy:*


Türkmenistanyň
Mejlisiniň deputatlarynyň
saýlawlary
ŞAHSYÝETNAMA №___
_____________________________
_____________________________
____________________-nji(y) «___________»
saýlaw okrugyndan Türkmenistanyň
Mejlisiniň deputatlygyna saýlanan


Berlen senesi: __.__.20__ ý.
Türkmenistanda Saýlawlary we sala
salyklary geçirmek boýunça
merkezi toparyň başlygy
G.Myradow M.Ý. ______________

*Welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň saýlanylan agzalarynyň şahsyýetnamasy:*


_____________________________
(geçirilýän saýlawlaryň senesi)
_____________________________
(geçirilýän saýlawlaryň ady)
ŞAHSYÝETNAMA №___
3x4 ölçegdäki
fotasurat
_____________________________
_____________________________
_____________________________
_____________________________
(dolandyryş çäk birliginiň ady)
_____-nji(y) saýlaw okrugy boýunça
_____________________________AGZASY
(saýlawly edaranyň ady)
__________ *saýlaw toparynyň*
*başlygy* _____________________________
Berlen senesi: ___.____.20__ ý.

## Bellikler üçin

**MAZMUNY**

Giriş ........................................................................................ 7
1. Umumy düzgünler ..................................................................... 9
2. Saýlawlary geçirmegi üpjün edýän saýlaw toparlary .................. 9
3. Dalaşgärleriň hukuklary............................................................. 10
4. Dalaşgäriň öz-özüni dalaşgärlikden aýyrmagy........................... 11
5. Dalaşgärleriň ynanylan adamlary ............................................... 11
6. Milli synçylary bellemek ........................................................... 15
7. Wagyz işleriniň geçirilmegi........................................................ 17
8. Wagyz işlerini geçirmegiň möhletleri ......................................... 19
9. Wagyz işlerini geçirmek hukugyndan hyýanatçylykly
peýdalanylmagyna ýol berilmezligi........................................... 19
10. Saýlanylan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlaryny,
welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň
we Geňeşleriň agzalaryny bellige almak .................................. 20

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# DALAŞGÄRLER ÜÇIN GOLLANMA


| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Ataýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *Ş. Gurbangeldiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *I. Zasarinnaýa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |

TDKP № 48, 2023

Çap etmäge rugsat edildi 01.02.2023. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 1,40. Şertli reňkli ottiski 3,75.
Hasap neşir listi 0,97. Çap listi 1,5.
Sargyt № 92. Sany 4000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.

